# Diýdim – diýdi…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Diýdim – diýdi… DIÝDIM – DIÝDI

Diýdim: melekmiň ýa beşer? Diýdi: men – men her ikisem.
Diýdim: asalmyň ýa şeker? Diýdi: men – men her ikisem.

Diýdim: gözellik bagynyň nowgülimiň serwi-rowan?
Ýa bagy-peýker, ýa göwher? Diýdi: men – men her ikisem.

Diýdim: ol galam gaşmydyr? A:l lebleriň janbagşmydyr?
Aby-haýatmyň ýa Hazar? Diýdi: men – men her ikisem.

Diýdim: bu ter-gül jemalyň, görmäne göz gerek janym.
Aýnamyň sen ýa aý kamar? Diýdi: men – men her ikisem.

Diýdim: akyl talaňçy sen – bu jilwe hem bu näz bilen.
Ýa göwün ogrusy meger? Diýdi: men – men her ikisem.

Diýdim: sen göwün mesgenim! Aram-kararym, menzilim!
Ýa didarmyň ýa-da nazar? Diýdi: men – men her ikisem.

Diýdim: Kemalyňdan eý ýar! Neçüýn bihabar sen nigär?
Hemramyň sen ýa-da agýar? Diýdi: men – men her ikisem.

Kemal HOJENDİ.

Terjime eden Taýmaz SEÝIDOW. Goşgular